# ANKARA ÜNİVERSİTESİ
# DİL VE TARİH-COĞRAFYA FAKÜLTESİ

*ÇAĞDAŞ TÜRK LEHÇELERİ VE EDEBİYATLARI BÖLÜMÜ*

***GÜNEY-BATI OĞUZ  GRUBU*** **TÜRK LEHÇELERİ VE EDEBİYATLARI ANABİLİM DALI**

| HAFTA | ANA TEMALAR VE KONULAR |
|---|---|
| **1** | Giriş. Halk edebiýatyndan türkmen edebiýatyna geçiş |
| **2** | 20-nji ýyllar we Türkmen edebiýaty |
| **3** | Türkmen edebiýatynyň sowet döwrüniň başlanmagy (1924) |
| **4** | Türkmen edebiýatynda gozgalýan meseleler |
| **5** | Türkmen edebiýatyndaky ilkinji şahyrlar |
| **6** | Türkmen edebiýatynda ilkinji ýazyjylar |
| **7** | 30-njy ýyllar we Türkmen edebiýaty |
| **8** | Türkmen edebiýatynyň kerwenbaşy Berdi Kerbabaýew |
| **9** | Türkmen edebiýatynyň belli ýazyşysy Agahan Durdyýew |
| **10** | Türkmen edebiýatynyň belli ýazyşysy Nurmyrat Saryhanow |
| **11** | Türkmen edebiýatynyň belli ýazyşysy Hydyr Derýaýew |
| **12** | Türkmen edebiýatynyň belli şahyry we ýazyşysy Aman Kekilow |
| **13** | Türkmen edebiýatynyň belli şahyry Towşan Esenowa |
| **14** | Türkmen edebiýatynyň belli şahyry Gara Seýitliýew |
| **EK** | Häzirki zaman türkmen edebiýatyna degişli tekstler, sesli ýazgylar, kasetalar… |
| **EK** | *Häzirki zaman türkmen edebiýatyna degişli adalgalar* |

# IV TÜRKMEN EDEBİYATI İLE İLGİLİ DERSLER

DUYGU VE DÜŞÜNCE → SÖZLÜ VE YAZILI ESER

| | |
|---|---|
| **GBT 403** | **TÜRKMEN HALK EEBİYATI (TÜRKMEN TURKİSH FOLK LİTERATURE )** |
| **TL 3044** | **ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI (MODERN TURKMEN LİTERATURE)** |
| **TL 3076** | **ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI: ŞİİR (MODERN TURKMEN LİTERATURE: POEM)** |
| **TL 4047** | **ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI: NESİR (MODERN TURKMEN LİTERATURE: PROSE)** |
| **TL 4022** | **ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI: DRAMA (MODERN TURKMEN LİTERATURE: DRAMA)** |

# TL 3044
# ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI



## Savaş dönemi Çağdaş Türkmen edebiyatı



# TL 3044
# ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI







## DURDY GYLY Ç (1886–1950)

Durdy Gylyç häzirki Görogly etrabynyň Bedirkent obasynda garyp daýhan maşgalasynda dünýä inýär. Ol ýaňy iki ýaşyna ýetende, mama keseline uçrap, görejinden aýrylypdyr. Şonuň üçin ýaşajyk Durdy öýdeçi garrylaryň gürrüňlerini, rowaýatlaryny nebsewürlik bilen diňläpdir. Bu ýagdaý hem onda ýaşlykdan edebiýata bolan söýgini döredipdir.

# TL 3044
# ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI







## DURDY GYLY Ç (1886–1950)

Durdy Gylyç otuz ýaşlarynda döredijilik işine başlaýar. Onuň 1916–1924-nji ýyllarda döreden «Tumarly», «Jykyr», «Eşekli», «Çatma», «Zalymlar», «Baýlar», «Garyplar» ýaly şygyrlarynda durmuşyň köp taraplary ussatlyk bilen suratlandyrylýar.







## DURDY GYLY Ç (1886–1950)

1941-nji ýylda Beýik Watançylyk urşunyň başlanmagy bilen Durdy Gylyç ähli döredijilik güýjüni duşmany derbi-dagyn etmeklige gönükdirýär. Tylyň zähmetkeşlerini edermenlikli zähmete, söweşe ýaraýanlary fronta çagyrýar, uruş gahrymanlaryny wasp edýär. Şahyryň «Ýörüň», «Gerekdir», «Iberiň urşa» atly goşgulary, Sowet Soýuzynyň Gahrymanlary Gurban Durda we Annagylyç Ataýewe bagyşlanan «Gurban Durdy», «Ataýew» şygyrlary muňa mysal bolup biler.

# TL 3044
# ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI







## DURDY GYLY Ç (1886–1950)

**BÖKDEMÄŇ MENI**

Üçe ýetdi beren arzamyň sany,
«Gözi ýok, garry» diýp, bökdemäň meni!
Watan üçin gurban etjek bu jany,
«Gözi ýok, garry» diýp, bökdemäň meni!

# TL 3044
# ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI







## DURDY GYLY Ç (1886–1950)

**BÖKDEMÄŇ MENI**

Watan goramaga pikirmi berdim,
Bagtymyň bedewin mündüm-de sürdüm,
Duşmana gülledir sakgalym-murtum,
«Gözi ýok, garry» diýp, bökdemäň meni!

# TL 3044
# ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI







## DURDY GYLY Ç (1886–1950)

**BÖKDEMÄŇ MENI**

Aýagym tankdyr, ýüwrüp ýetişer,
Ellerim bombadyr, baryp gatyşar,
Billerim berk meniň, göreş tutuşar,
«Gözi ýok, garry» diýp, bökdemäň meni!

# TL 3044
# ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI







## DURDY GYLY Ç (1886–1950)

**BÖKDEMÄŇ MENI**

Goşunçylyk sapy birinji sapdyr,
Biziň dek gaýduwsyz gahryman köpdür,
Özüm daşdan göryän, bilenim – topdur,
«Gözi ýok, garry» diýp, bökdemäň meni!

# TL 3044
# ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI







## DURDY GYLY Ç (1886–1950)

**BÖKDEMÄŇ MENI**

Biziň batyrlarmyz daglary oýar,
Guduz açan Gitler tagtyndan taýar,
Göwnüm aeroplan, asmanda gaýar,
«Gözi ýok, garry» diýp, bökdemäň meni!!

# TL 3044
# ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI







## DURDY GYLY Ç (1886–1950)

**BÖKDEMÄŇ MENI**

Durdy Gylyç, baryp sorajak pajym,
Adamhor itlerden alaryn öjüm,
Haýal görmäň meni, kän meniň güýjüm,
«Gözi ýok, garry» diýp, bökdemäň meni!

# TL 3044
# ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI





## DURDY GYLY Ç (1886–1950)

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Durdy Gylyç özüniň şahyrçylyk zehinini nemes faşistlerinin garşysyna gönükdiripdi. Şahyryň şol döwürde «Iberiň urşa», «Bökdemäň meni» diýen goşgulary döredi. Ol özüniň Watanynyň azatlygy ugrunda janyny gurban etmäge taýýardygyny görkezýär. Bu hakda onuň batly, aýgytly sesi «Bökdemäň meni» diýen goşgusynda aýdyň görünýär. Bu goşgy öz döwründe adamlary Watan goragyna aýaga galmaga çagyrýan goşgy bolup, ol uly ähmiýete eýe boldy.

# TL 3044
# ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI







**POMMA NURBERDIÝEW (1909–1972)**

Pomma Nurberdiýew görnükli türkmen şahyrydyr. Ol 1909-njy ýylda Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň Akýap obasynda garyp daýhan maşgalasynda eneden bolýar. Onuň ýaşlygy kynçylykly ýagdaýda geçipdir.

# TL 3044
# ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI







**POMMA NURBERDIÝEW (1909–1972)**

Ol 1942-nji ýyldan 1945-nji ýyla çenli Beýik Watançylyk urşunyň aldym-berdimli söweşlerinde duşmana garşy söweşýär. Pomma edebi döredijilik işine ýaşlykdan başlaýar. Onuň şahyrana-edebi döredijiligi, çeper eserleri okyjylaryň arasynda özboluşly meşhurlyga eýe bolýar.

# TL 3044
# ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI







**POMMA NURBERDIÝEW (1909–1972)**

Ylaýta-da, onuň «Watanym» goşgusy ýaş nesli watansöýüjilik ruhunda terbiýelemekde edebi çeşme bolup hyzmat edýär. Ol uruşdan soňky ýyllarda «Aba aga», «Bagbanyň beýany» poemalaryny, «Taýlak Hyzzyn», «Sebäbini soň bildim» diýen hekaýalar toplumyny, «Gatakar» romanyny we başga-da birnäçe eserleri döretdi.

# TL 3044
# ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI







**POMMA NURBERDIÝEW (1909–1972)**

**ÄDIGIMIŇ ÝOLY**

Aşgabatdan geýip giden ädigim
Ýyrtylmady, barha galňady asty.
Ha gije, ha gündiz öňe diýdigim,
Depeden, düzlerden dözümli basdy.

# TL 3044
# ÇAĞDAŞ TÜRKMEN EDEBİYATI







**POMMA NURBERDIÝEW (1909–1972)**

Şahyryň «Ädigimiň ýoly» şygry Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda dusmana garşy geçilen gahrymançylykly söweş ýoluna bagyşlanandyr. Goşgynyň liriki gahrymany Pomma Nurberdiýewiň hut özüdir.